# Diýmedim-ä…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Diýmedim-ä… DIÝMEDIM-Ä…

Parasyna para diýdim,
Alasyna ala diýdim.
«Ak“ diýmedim-ä.

Erbedine erbet diýdim,
Şerbetine şerbet diýdim.
«Zäk“ diýmedim-ä.

Ýananyna ýanan diýdim,
Ýalanyna ýalan diýdim.
«Päk“ diýmedim-ä.

Oglum,“bu-da geçer“ diýdim,
«Garry öýi bejer“ diýdim.
«Ýyk“ diýmedim-ä…
20.01.2017 ý.

- **OŇA HÄSIÝETNAMA**

Ogry dýeni ogry däl,
Dogry diýeni dogry däl.
Batyr diýeni san,
Şatyr diýeni han.
Däli diýeni doly,
Doly diýeni loly…

12.02. 2017. Goşgular